# Çykalga ýok, duýgularym gandally…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Çykalga ýok, duýgularym gandally… ÇYKALGA ÝOK DUÝGULARYM GANDALLY…

Çykalga ýok duýgularym gandally,
Serediñ ahyry meni nätdiler,
Yzyma it salyp, çykaryp ilden
Şygyr şalygyndan sürgün etdiler.

Ýürek telwas urýa tapanok karar,
Gõk läle bolmuşdyr ýer ýüzi melek.
Bag-bakjaly, gowgasy kän saraýda
Agyr degýä gelmişege ýerlemek.

Bu mekanda howandar ýok, hossar ýok,
Ýalñyz õzüm gysylyp durun burça men.
Görsem eýýam çürküldeşip men hakda,
Gybat urýar şaha münen serçeler.

Piñime däl, ebti agan gybatlar,
Zemin üste şemal bolup sogruldym.
Jahany seýl edýan gezende ýagşyñ,
Ýerde tapan oljasyna õwrüldim.

Wagt eliñ ayasynda akyp dur,
Tolkunlar mõwjeşip baglayar gõzi.
Il mõññürip ýüzün tutup aglayar:
«Ýesir boşanmazmy, giden gelmezmi?!» Goşgular